# Neždet Sanjar

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Neždet Sanjar

NEŽDET SANJAR

Ahmet Neždet Sanjar (Çiftçiogly), tanymal türk ýazyjysy, pedagog.

■ Ömri we döredijiligi

01.05.1910-njy ýylda Stambulda eneden dogulýar.
Meşhur ýazyjy Hüseýin Nihal Atsyzyň kiçi doganydyr. Familiýalarynyň aýry bolmagyna bolsa, "Familiýalar hakyndaky" kanunyň hereket edip başlan wagtynda olaryň bir-birinden habarsyz bolmaklary sebäp bolupdyr.
Neždet Sanjar Stambul uniwersitetiniň Edebiýat fakultetini okap gutarypdyr.
Harby gullukdan soňra Siwas şäheriniň Pedagogik mekdebinde edebiýat mugallymy bolup işe başlanam bolsa, şol wagtyň Bilim ministri Hasan Aly Ýüjeli garşylaýyş dabarasyna gatnaşmandygy üçin Balykesir liseýine geçirilýär. Balykesir liseýinde işläp ýörkä, 1944-nji ýylyň maý aýynda "milletçilik-turançylyk dawasy" diýip başlanan sud prosesiniň çäginde Hüseýin Nihal Atsyz, Alparslan Türkeş, Ankara Konserwatoriýasynyň direktory Orhan Şaik Gökýaý, Hikmet Tanýu, taryh professory Zeki Welidi Togan, Reha Oguz Türkkan ýaly tanymal türkçiler bilen birlikde jogapkärçilige çekilýär we 14 (on dört) aýlap türmede ýatýar. Şol ikiarada Harby kassasion kazyýet tarapyndan sud prosesine gaýtadan seredilýär we Neždet Sanjar aklanýar. Neždet Sanjar 1960-njy ýylda ogly Afşiniň aradan çykmagy zerarly paraliç geçirýär.
Merhum ogly Afşiniň hormatyna 1962-nji ýylda "Yeni Istanbul" gazetinde "Türk ýaşlary nähili bolmaly?" atly edebi bäsleşik gurnaýar, bu bäsleşik soň-soňlaram birnäçe ýyllap dowam edýär. Afşiniň ölümine bagyşlap agasy Nihal Atsyz hem "Afşine

elegiýa" atly goşgy ýazypdyr.
22.02.1975-nji ýylda Stambulda aradan çykan Neždet Sanjar şäheriñ "Garaja Ahmet" gonamçylygynda jaýlanýar.

■ Eserlerinden :

1. "Taryhda türk-italýan uruşlary";
2. "Milletimiziñ gahrymanlary";
3. "Türklik söýgüsi";
4. "Afşine hatlar";
5. "Gizlin kommunist maglumatlary";
6. "Gyzyl Jennet tymsaly";
7. "Türkçülik barada makalalar";
8. "Ismet Inöni bilen haklaşyk;
9. "Türk, Moskwa we kommunist";
10. "Nazym Hikmet tymsaly" we başgalar…

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly